# Ruslaryň tabynlyga bolan meýiljeňligi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ruslaryň tabynlyga bolan meýiljeňligi RUSLARYŇ TABYNLYGA BOLAN MEÝILJEŇLIGI



*SSSR-iň Stalinden soňky döwlet ýolbaşçysy Nikita Hruşýowyň agtygy Nina Hruşýowa awtokratik dolandyryşyň astyndaky rus halkynyň özüni alyp baryş taraplary barada ýazýar*

Mundan tegelek otuz ýyl öň şu aý yňdarma kommunistlerden ybarat topar Moskwany eýeläp, sowet lideri Mihail Gorbaçýowy

Krymdaky daçasynda öý tussaglygyna alypdy. Gorbaçýowyň syýasy-ykdysady reformalaryna, ýagny, «üýtgedip gurmak we aç-açanlyk» syýasatyna garşy bolandyklary üçin olar hökümeti agdarjak bolupdylar. Emma üç günden soň döwlet agdarlyşygy şowsuzlyga uçrady. Şol ýylyň ahyrynda Sowet Soýuzy-da dargapdy.
Russiýanyň döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putiniň häkimiýet başynda oturan ýigrimi ýyllyk döwründe hökümeti agdarmaga edilen bu herekete bolan garaýyşam doly üýtgedi. Döwlet agdarlyşygyna edilen şol synanyşyk edil häzir rus harbylarynyň sowet duşmançylygy bilen dargap barýan döwleti halas etmek üçin eden işi hökmünde görülýär. Täze pikir soralşygyň netijeleri Moskwanyň tankly birlijker bilen eýelenen we döwlet telewideniýelerinde zol «Guw kölüniň» goýberilen şol galagoply günlerini indi ruslaryň zordan ýarsy ýadyna düşürip bilýär. Kreml şol günleri ýada saldyryp biljek hiç zat etmändigi üçin häzir halkyň bary-ýogy ýedi prosenti bolup geçen wakalary «demokratiýanyň gazanan ýeňişi» hasaplaýar.
Elbetde, döwlet agdarlyşygynyň gönüden-göni yza serpikdirilen we Russiýa Federasiýasynyň gyzyl, ak, mawy reňkli baýdagynyň sowet gyzylynyň ýerini alan güni her ýyl baýram edilip bellenýr. Emma azat Russiýa üçin alnyp barylan göreşi ýatlama maksatly dabaralary diňe liberal partiýalae, adam hukuklary boýunça aktiwistler we biziň günlerimize çenli ölmän galan az sanly oppizisionerler geçirýär. Putin bolsa şu günki güne çenli şol dabaralara ýeke gezegem gatnaşmady.

- **Mediýany jansyzlykda aýyplamak**

Aslynda döwlet agdarlyşygyna garşy gazanylan ýeňşiňem agdarlyşygyň özi ýaly şowsuz bolandygyny aýdyp bileris. Netijede häzir Russiýa üçin iň soňky aýdyp boljak zat onuň azat ýurdugy. Putine, hökümete ýa-da buthana garşy hasaplap bolaýjak haýsydyr bir zat ýazýan, asýan ýa-da paýlaşýan islendik kişä tussag astyna alynma howpy abanýar. Putine «Abadan we bagtly durmuşymyz üçin size näçe sagbolsun aýtsagam az bolar» diýmekden başga bir zat diýmäge synanyşaýsaňyz, maňlaýyňyza «bäşinji goluň agzasy», «daşary ýurduň içalysy»

ýa-da «howply ekstremist» tagmasy ýapyşdyrylaýmagy daşda däl. Raýat jemgyýeti zordan dem alýar. Mysal üçin, «Дождь ТВ» daşary ýurtdan ýeke köpük almaýandygyna garamazdan, «daşary ýurduň içalyçylygyny» etmekde aýyplanýar.




- **Nawalnyý wakasy**

Elbetde, Putini Staline meñzedip bilmeris. Häzir 37-nji

ýyldaky ýaly adamlar köpçülikleýin ýagdaýda sud edilenok. Emma Gorbaçýowyň döwründe oppozisiýa bolan hoşgylawlylyk häzirkisinden has köpdi. Isleseňiz, toslama jenaýatlar bilen türmä salynan, korrupsiýa garşy aklawjy we Putiniň görnükli garşydaşlaryndan bolan Alekseý Nawalnydan sorap bilersiňiz. Nawalnynyň «ekstremistik topar» diýip garalanyp dargadylan Korrupsiýa garşy göreş fonunda işlän we fondyň hasabyna pul geçirendigi üçin polisiýa çagyrylan islendik kişidenem sorap bilersiňiz.
Ähli bolup geçýän zatlara ruslaryň köpüsi onçakly garşylyk görkezmedi we aslynda bulam ullakan garaşykmadyk zat hasaplanmaly däl. Durnuklylygy sylaglandyrmak, hatda durnuklylyk üçin belli bir derejede azatlygy pida bermek meýili uzak wagtlap sowet döwründäki we ondan soňky döwürdäki ugur-utgasyzlyga we kynçylyklara jogap hökmünde görüldi. Ruslar häzir otnositel asudalykda we bolçulykda ýaşaýar. Birnäçesiniň nesibesi hijem şumatkysy ýaly çüwmändi. Eýsem-de bolsa, nämüçin häzirem şunça adam özlerine diktatoryň baştutanlyk etmelidigine ynanýar?
Russiýanyň owalkysy ýaly supergüýç däldigi dogry. Emma ýurduň halky daşardan abanyp biläýjek howp-hatarlara garşy olar ýalam goragsyz-garawsyz däl. Putiniň Krymy düzümine birikdirmek we başga ýurtlardaky saýlawlara goşulmak ýaly supergüýç statusyny «gaýdyp almak» tagallasy ýönekeý rus raýatynyň howpsuzlygyny artdyrmaýar ýa-da durmuşyny gowulandyrmaýar. Gaýtam düýbünden tersine ýaramaz täsiri bar.

- **Goňşym bimaza boldy**

Şeýle-de bolsa, ruslar putinizme boýun sunmagy dowam etdirýär. Geçen ýyl Nawalny tussag edilende, ejemiň Moskwadaky öýüniň penjiresine «Nawalnyny boşadyň» ýazgysyny asyp goýdum. Az wagtdan soň intellektual düşünjeli orta ýaşly goňşulary menden ýazgyny aýyrmagymy haýyş etdi. «Gereksiz ýere ünsi çekmek islämzok» diýdiler. Ortalyk ýol tapmak üçin birinji ýazgymyň ýerine has oýlanyşykly, has giň pikirli wersiýasyny asdym: «Putiniň garşydaşlaryny boşadyň». Ýene geldiler we polisiýa

habar etjekdiklerini aýdyp, sypaýyçylykly haýbat atdylar, bir ýandanam meniň tarapymdadyklaryny bilmegimi isleýärdiler. «Iň soňy meniň bilen pikirdeş bolsaňyz, tutuş jaýy Nawalnynyň tarapyny tutýan ýazgylardan doldurmak gerek» diýip jogap berdim. Eger şeýtsek, hemmämizi tussag edip biljek däldiler. Goňşular ylalaşmady. Gapy-gapy aýlanyp goldaw gözledim, ýöne barybir polisiýa jaň etjekdiklerini aýdýan haýbatlara uçradym.




- **Nobel baýragyna mynasyp bolan ýazyjy**

Çeh ýazyjysy Çeslaw Miloş 1953-nji ýylda ýazan «Tussag edilen akyl» («Порабощенный разум» / «Zniewolony umysł») eserinde bu ýagdaýyň üstünde durup geçýär. Kitap Stanisław Ignasiý Witkewiçiň 1930-njy ýylda ýazan «Doýdum-dolmazlyk» («Nienasycenie») romanynyň üstünde edilen jedel bilen başlaýar. Ýerleri basylyp alynan polýak halkyny garaşsyzlyk pikirinden el çekdirmek maksady bilen «bejergi» üçin «Murti-Bing» atly gerdejikler berilýär. Derman öz-özüňden göwnühoşlyk we boýunsunujylyk döredýär, beýleki bir ýandan belli bir

derejede kognitiw utgaşyksyzlygy zor bilen boýna dakyp birnäçe wagtyň içinde adamlaryň iki dürli adam bolmagyna getirýär.
Ejemiň Moskwadaky goňşulary şol kitapdaky gahrymanlara meňzeýärdi. Bir ýandan Nawalnyý bilen pikirdeşdiklerini aýdýarlar, bir ýandanam ony aç-açan goldajak bolýan adamyň üstünden polisiýa arz etjekdiklerini aýdyp haýbat atýardylar.
Ýazyjynyň pikiriçe, totalitar režimlerde ýaşaýanlar Günbatar demokratiýalarynyň aşa azatdygyny pikir edýär, hasam beteri kanunlaryň we hak-hukugyň güýji döwleti dolandyrýanlara-da deň ýöreýän bolsa dagy, şol ýurtlarda durnuksyzlygyň we baş-başdaklygyň orta çykjagyna ynanylýar. Häzir haýsy rus teleýaýlymyny açsaňyz, şuňa meňzeş pikire gabat gelip bilersiňiz.
Miloş adamlaryň diýdimzor agalyga boýun egmeginiň ýeke-täk sebäbiniň gorky däldigine yşarat edýär. «Içki utgaşyk we bagtly durmuşa bolan ymtylyş» halky ruhlandyrýar, awtoritar ýolbaşçylar bolsa bu ýagdaýdan peýdalanmak babatda diýseň başarnykly. Putinem bu işiň at gazanan ussatlaryndan. Iň erbet ýerem, şeýle ýolbaşçylar aslynda wada beren gowy durmuşyny berip bilmeýär. Russiýa günleriň bir güni Putin belasyndan dynaýanda-da, ruslar «Murti-Bing» gerdejigini ulanmakdan ýüz öwürmese bolmaýar. Gorbaçýow ýa Nawalnyý ýaly biriniň orta çykyp, ruslary örüzip bir demde ukudan oýarmagyna garaşmak akla-huşa sygjak zat däl, sebäp munuň soňunda birküç hepdeden ýa aýdan soň ýene täzeden uka çümerler. Azatlyk üçin her gün, her sagat göreşmek gerek.
Otuz ýyl öň Gorbaçýow ruslary kommunizm zyndanyndan çykarypdy. Nawalnyý putinizmiň soňundaky ýagtylygy görkezmek üçin batyrgaý göreşdi, ýöne ol häzire çenli köp adam tarapyndan görmezlige salyndy. Baýram edilip bellenýän wakanyň ýalňyş ýatlanmagyndan almaly bir sapak bar: Aňynyň tussag edilendigine begenýän halk azat jemgyýet gurup bilmez.

Nina HRUŞÝOWA.

© Project Syndicate, 2021. Publisistika